Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna**
на 1 декабря 2024 года
December 1, 2024

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ /NEWS

**BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
3

**SANLY ULGAMDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
4

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**SANLY BANK ULGAMY - HALKYŇ HYZMATYNDA**
5

**TÜRKMENISTAN WE HALKARA MALIÝE INSTITUTLARY: IKITARAPLAÝYN BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK**
11

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
14

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
16

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň noýabr aýynyň dowamynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde we TMB-niň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

Ýurdumyzyň banklarynyň hasaplaşyklar we kart ulgamlar bölümleriniň hünärmenleri üçin şu ýylyň noýabr aýynyň 4-5-nji senelerinde Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde, şeýle hem 11-15-nji senelerinde «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank kartlary» atly okuw maslahatlarynda prosessing merkeziniň işleýiş prinsipleri we mümkinçilikleri, köp emitentli prosessing merkezleri, şübheli tranzaksiýalar bilen işlemek, bank kart ulgamynyň kadalaşdyryjy hukuknamalary, halkara töleg ulgamlary ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň 18-21-nji noýabry aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň Hukuk gullugynyň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank işinde hukuk meseleleri» atly okuw maslahatynda döwlet gullukçysynyň etikasy, bank ulgamynyň işini kadalaşdyryjy hukuknamalar, halkara guramalaryň hukuk esaslary, karzlaryň girew üpjünçiliginiň hukuk ähmiýeti ýaly ugurlarda bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 25-29-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň halkara amallar (gatnaşyklar) bölüminiň hünärmeleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Banklarda daşary ýurt puluna gözegçilik we halkara amallary» atly okuw maslahatynda halkara töleg ulgamlarynda töwekgelçilikleri dolandyrmak, daşary ýurt pulundaky amallary kadalaşdyryjy hukuknamalar we olaryň kämilleşdirilişi, ýurdumyzyň banklarynda eksport-import amallaryny hasaba alyş we gözegçilik işleriniň gurnalyşy, Türkmenistanda we daşary ýurtlarda bank ulgamynyň dolandyryş aýratynlyklary ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi we gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-e golaý işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SANLY BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň noýabr aýynyň dowamynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň mümkinçilikleri maglumat howpsuzlygy, kiberhowpsuzlygy barada TMB-niň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebinde bilim alýan talyplaryň sowatlylygyny artdyrmak boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyp ýaşlara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli görnüşli bank kartlary («Altyn asyr», «Maşgala», «Milli kart», «Goýum bank karty», «Owerdraft»), töleg terminallary, bankomatlar, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal pay», «Talyp tölegi», «Sanly kart», «Sanly karz», «Sanly töleg», «Senagat töleg», «Onlaýn halkara töleg», «Menzilara bank» we beýleki birnäçe ornaşdyrylan sanly programma üpjünçilikleri barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

Bank ulgamynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen okuw maslahatlary mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berilen jogaplar bilen jemlendi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# SANLY BANK ULGAMY - HALKYŇ HYZMATYNDA

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän bank amallarynyň görnüşleri artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. Ýurdumyzda sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Bu onlaýn hyzmatyň kömegi bilen karzlary resmileşdirmek, internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly amallary ýerine ýetirip bolyar.

Fiziki tarap bolan müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA Virtual» atly bank karty ulanyşa girizdi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt pulunda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, bank tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, müşderilerine amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «Onlaýn kabulhana» hyzmaty işe girizildi. Hyzmata laýyklykda raýatlarymyz banka barmazdan sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilýär. Munuň üçin ilki bilen penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurmak arkaly özbaşdak ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni bir gezeklik döretmeli. Döredilen ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni her gezek ulanmak arkaly «Onlaýn kabulhana» bölümçesine girip, zerur bolan resminamalary sargyt etmeli, sargydyň taýýar bolanlygy baradaky maglumat elektron ulgam arkaly, şeýle hem bankyň merkezi edarasynyň (ýa-da şahamçasynyň) degişli hünärmeni tarapyndan telefon arkaly habar berilýär. Müşderiler öz sargytlaryny almak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da degişli şahamçasyna ýüz tutup bilerler.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň «Daýhanbank», «Türkmenistan» döwlet täjirçilik hem-de «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banklarynda degişlilikde daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň

okuw we umumy ýaşaýyş-jaý töleglerini hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin töleglerini onlaýn görnüşinde tölemäge, şeýle-de halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny internet ulgamynyň üsti bilen özbaşdak doldurmaga mümkinçilik berýän sanly töleg ulgamlary işe girizildi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Menzilara bank» hyzmatyna laýyklykda raýatlarymyz alyş-çalyş amalyny onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalaryň asyl nusgalaryny barladyp daşary ýurt pulunda goýum hasaplaryny açmaly, şeýle hem ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bank tarapyndan ulanyjy açylandan soň, müşderi bankyň resmi internet sahypasynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölümine girýär, penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurýar hem-de tölege degişli resminamalaryny ýükleýär. 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna «Menzilara bank» hyzmatynyň üsti bilen ýüzlenen 24,1 müňden gowrak müşderiniň, halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna, şeýle hem 6,3 müňden gowrak müşderiniň okuw tölegleri üçin pul serişdeleri resmileşdirildi.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň hödürleýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyna laýyklykda tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen raýatlarymyz hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler. 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyna 1,4 müňe golaý müşderi birikdirilip, olaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna pul serişdeleri geçirildi.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçilik berýän «Sanly töleg» ykjam goşundysy işe girizildi. Raýatlar «Sanly töleg» ykjam goşundyny bankyň resmi www.halkbank.gov.tm internet sahypasyndan öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly halkara bank kart hasaplaryny banka barmazdan ygtybarly we aňsatlyk bilen aýma-aý doldurup bilýärler. Geçirilen amallar baradaky maglumat hyzmaty ulanyjy raýatlaryň ykjam telefonlaryna SMS-habary görnüşinde iberilýär. 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna bankyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyna 18,3 müňe golaý müşderi birikdirilip, olaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna pul serişdeleri geçirildi.




Fiziki şahslar resminamalarynyň möhleti tamamlanýança ýa-da resminamalar çalşylýança onlaýn töleginiň banklaryň hödürleýän bu hyzmatlaryndan peýdalanyp bilýärler. Raýatlarymyza hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň bu görnüşi nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine ýardam berýär.

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Halkbank»

paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan 2024-nji ýylyň iýul aýynda öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Bankyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» ykjam goşundyny müşderiler öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmegä, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatiki görnüşinde kesgitlemäge amatly mümkinçilik döredýär.

«Sanly karz» ykjam goşundynyň esasy aýratynlyklarynyň biri müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň we aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kartynyň maglumatlarynyň hem-de karz taryhynyň awtomatiki usulda barlanylýandygyndan ybaratdyr. Ýagny karz alyjy tarapyndan banka hiç hili resminama tabşyrmak zerurlygy ýok. Şol sebäpli raýatlarymyz sarp ediş maksatlary üçin isleg bildiren karz serişdelerini almak üçin banka diňe bir gezek gelmegi ýeterlik bolýar. Munuň özi raýatlaryň wagtynyň tygşytlanmagy we amatlylyk taýdan örän ähmiýetlidir. Bu hyzmatyň mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna «Sanly karz» ykjam goşundysynyň üsti bilen 7054 sany müşderi ýüzlenip, 23168,4 müň manat möçberinde karz serişdeleri resmileşdirildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň beýleki karz edaralary tarapyndan hem bu görnüşli hyzmaty işe girizmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýän «Halkbank terminal» hyzmaty hem hereket edýär. «Halkbank terminal» hyzmaty döwrebap we ygtybarly tehnologiýanyň esasynda taýýarlanan we nagt däl hasaplaşykda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ýerini tutup biljek ykjam programma üpjünçiligi bolup durýar. Söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň işgärleri tölegi kabul etmek üçin öz ykjam telefonlaryna bu programma üpjünçiligini ýükläp, ony adaty töleg terminalynyň ornuna ulanyp bilýärler. Adaty töleg terminallaryndaky ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ählisini amal etmäge ukyply bolan bu ykjam programma üpjünçiligi harytlara we hyzmatlara töleg geçirmek we amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçilikleri berýär. «Halkbank terminal» hyzmatynyň üsti bilen satyn alnan harydyň ýa-da ýerine ýetirilen hyzmatyň bahasy girizilýär hem-de degişli töleg geçirilýär. Eger-de ykjam telefonlarda «NFC» galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin bank kartyny ykjam telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir. Bu ýakynlaşdyrmanyň netijesinde ykjam programma üpjünçiligi bank kartyndaky maglumatlary okaýar. Şeýlelikde, satyn alnan haryt ýa-da hyzmat üçin tölegler kabul edilýär. Şundan soňra ykjam telefonyň ýüzünde tölegiň kabul edilendigi barada elektron çek (hasabat kagyzy) peýda bolýar. Bütin dünýäde hem uly islege eýe bolýan bu hyzmatyň işe girizilmegi, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary döwrebap we amatly usulda alyp barmaga täze mümkinçilikleri döredýär. 2024-nji ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynyň dowamynda «Halkbank terminal» hyzmatynyň üsti bilen amal edilen nagt däl



hasaplaşyklaryň möçberi 210,6 million manada ýetip, bu görkezijі geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 3,8 göterim artdy.

Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hödürlenilýän «Senagat töleg» ykjam programma üpjünçiligi arkaly «Altyn Asyr» ÝGPJ-niň «TMCell» öýjükli aragatnaşyk telefon hyzmatynyň, AŞTU-nyň (Aşgabat şäher telefon ulgamy) CDMA öýjükli aragatnaşyk telefon, internet, IP-TV, öý telefony hyzmatlarynyň, «Türkmentelekom» elektrik aragatnaşyk kärhanasynyň internet hyzmatynyň, «Belet film» hyzmatynyň, «Älem-TV plastik kartlary» hyzmatynyň tölegleri, şeýle-de PÝGG-niň jerime töleglerini raýatlarymyz günüň islendik wagtynda öýünde, iş ýerinde, ýolda ýa-da syýahatdadygyna garamazdan töläp bilýärler.

Mundan başga-da bu hyzmatyň işe girizilmegi bilen ýurdumyzyň raýatlary ynsanperwerlik, mätäji goldamak we agzybirlik duýgularyna eýerip, ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge öz goşantlaryny goşmak üçin haýyr-sahawat geçirimlerini banka gelmezden, günüň islendik wagty nagt däl görnüşinde geçirmäge mümkinçilik tapdylar. «Senagat töleg» ykjam programma üpjünçiligi arkaly ýurdumyzyň «Altyn asyr» bank kartynyň eýesi bolan islendik raýatyna bank kartyndaky pul serişdesinden Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna nagt däl görnüşinde pul serişdesini geçirmäge mümkinçilik döredýär.

Hödürlenilýän sanly bank hyzmatlary nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, karz edaralarynda nobatlaryň azalmagyna, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine, karz edaralaryň we müşderileriniň wagtynyň we sarp ediş önümleriniň (kagyz, kartrij, ýol harajatlar) tygşytlanylmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň



gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depginini indiki şekilde görmek bolýar.

Ýokardaky şekilde hem görkezilişi ýaly, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Şu ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynyň dowamynda «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi degişlilikde 2655,9 müň we 17108,3 müň manada ýetdi, bu bolsa hyzmatlaryň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sanynyň yzygiderli artýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň oktýabr aýyndaky «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakyndaky» Kararyna laýyklykda ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň we olaryň tabynlygyndaky edara-kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklaryny we beýleki tölegleri bank kartlarynyň üsti bilen bermeklik ýola goýuldy. Karara laýyklykda ýurdumyzda ornaşdyrylan döwrebap bank hyzmatlary arkaly geçirilen nagt



**Ýurdumyz boýunça geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depgini (mln. manatda)**

däl hasaplaşyklaryň möçberleri 2013-nji ýylda 4,2 million manat bolan bolsa, 2023-nji ýylda bu görkezijiler 17372,7 million manatdan geçdi. 2024-nji ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynyň dowamynda bolsa bu görkeziji 18329,2 million manatdan geçip, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 17 göterim ýokarlandy.

Ýurdumyzda geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depginini şu aşakdaky şekilde hem görmek bolýar.

Bank hyzmatlaryny hödürlemek üçin zerur bolan tehniki üpjünçiligi we onuň goraglylygy boýunça aýdylanda bolsa, bankara tor enjamlaryny kämilleşdirmek onuň üsti bilen hödürlenýän hyzmatlarynyň sanyny we görnüşlerini köpeltmek, bank ulgamynda sanly maglumat tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak we beýleki ugurlar boýunça zerur bolan programma üpjünçiliklerini satyn almak we ulgama giňden ornaşdyrmak, bankyň zerurlyklary üçin täze serwer enjamlary we disk massiwleri gurnamak, bankara tor enjamlaryny satyn almak ýaly işler bilen bilelikde bu ugurda hünärmenleri okuw-tejribeligini kämilleşdirmek boýunça üznüksiz işler alnyp barylýar.

Geçirilýän bu işleriň ählisi banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwre-

baplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge amatly şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# TÜRKMENISTAN WE HALKARA MALIÝE INSTITUTLARY: IKITARAPLAÝYN BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň halkara derejesindäki at-abraýy barha beýgelýär. Muny dürli halkara guramalar bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň çäklerinde geçirilýän işlerdir-çäreleriň mysalynda hem görmek bolýar.

Halkara maliýe guramalary dünýädäki ykdysady ösüşi hem-de ykdysady durnuklylygy üpjün etmekde örän wajyp ähmiýete eýedir. Olar özleriniň agza döwletlerine ykdysady infrastrukturanyň, saglygy goraýşyň, bilimiň we beýleki ýaşaýyş-durmuş ugurlarynyň ösmegine ýardam edýän karz serişdeler, grantlar we tehniki kömekler ýaly dürli görnüşli maliýe kömeklerini berýärler.

Häzirki wagtda Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýanyň ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Arap döwletleriniň Gaznalary ýaly köp sanly halkara maliýe guramalar bolup, olaryň hersiniň öz iş aýratynlyklary bar we olar belli bir iş ugurlarynda ýöriteleşýärler we olar bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak babatynda alyp barýan syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen, ýurdumyzyň hususy ulgamynyň gatnaşyjylary bank ulgamy tarapyndan ýeňillikli karzlar we daşary ýurt maliýeleşdiriş çeşmeleriniň birnäçe görnüşleri bilen üpjün edilýär. Geçen ýyllaryň dowamynda döwletimiziň maýa goýum syýasatynyň strategiki ileri tutulýan ugurlary kesgitlenilip, dünýä bazarynda Türkmenistanyň bäsdeşlige ukyplylyk artykmaçlyklaryndan ugur alyndy. Bu bolsa, ilkinji nobatda, ägirt uly tebigy serişdelere bagly bolup, olaryň senagat taýdan gaýtadan işlenilmegi hem-de ýokary tehnologiki taýýar önümleriň çykarylmagy ýurdumyzyň esasy ykdysady ugruna öwrüldi.

Şeýle-de tehnologiýanyň ykdysady pudaklaryň işine ornaşdyrylmagy, sanly asyryň häzirki zaman möhüm şertleriniň üpjün edilmegi ýaly işleri maksatnamalaýyn durmuşa geçirmek esasy wezipeler hökmünde öňde goýuldy. Bu babatda «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda, eksport ugurly we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini artdyrmak maksady bilen, maýa goýumlary çekmek boýunça işler üstünlikli alnyp barylýar.

Halkara maliýe guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygyň mysaly hökmünde ýurdumyzyň Halkara pul gaznasy bilen alyp barýan işini bellemek bolýar. Türkmenistan döwletimiz 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny yglan etmegi bilen özbaşdak maliýe we ykdysady syýasatyny durmuşa geçirip başlady hem-de ýurduň ykdysadyýetini dünýä ykdysadyýeti bilen utgaşdyrmak, onuň deň hukukly agzasy bolmak, ýagny dünýäniň abraýly halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde, 1992-nji ýylyň sentýabr aýynda Halkara pul gaznasyna agza boldy. Häzirki wagtda dünýäniň 190 sany ýurdy bu guramanyň agzasy bolup durýar.

Halkara pul gaznasy bilen Türkmenistanyň wekiliýetleriniň arasynda yzygiderli duşuşyklar geçirilýär. 2024-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler Ministrliginde Halkara pul gaznasynyň geňeşçisi, Azerbaýjan we Türkmenistan boýunça missiýasynyň başlygy Anna Rouz Bordonyň ýolbaşçylygyndaky Halkara pul gaznasynyň wekiliýeti bilen duşuşyk geçirildi. Şeýle duşuşyklar Halkara pul gaznasynyň Iş Meýilnamasyna laýyklykda

Türkmenistanyň Merkezi bankynda hem-de beýleki degişliligi boýunça ugurdaş ministrliklerde hem geçirildi. Duşuşyklaryň barşynda taraplar Türkmenistan bilen Halkara pul gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Gepleşikleriň dowamynda özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga, şol sanda Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna goşulmaga bolan meýli bilen bagly meselelere hem garalyp geçildi. Şunuň bilen baglylykda, 2022-nji ýyldan bäri goşulýan ýurt («işjeň synçy») derejesine eýe bolan Türkmenistana Halkara pul gaznasynyň maslahat beriji goldawynyň ähmiýeti hem bellenildi.

Duşuşyklara gatnaşyjylar Türkmenistan bilen Halkara pul gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen tagallalary utgaşdyrmagyň zerurdygyny nygtadylar.

Halkara pul gaznasynyň yzygiderli geçirýän çaklamalary döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde, Türkmenistan durmuş-ykdysady taýdan ösmegini ynamly dowam edip, giň gerimli meýilnamalary yzygiderli durmuşa geçirýändigini tassyklaýar. Düzümleýin we ýokary hilli özgertmeleriň barşynda ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň milli nusgasy döreýär we kämilleşdirilýär, Türkmenistan dünýä boýunça zähmet, ählumumy söwda we maglumatlar gatnaşyklaryna işjeň goşulýar.

Halkara pul gaznasy ykdysady özgertmeleri amala aşyrmakda Türkmenistanyň hyzmatdaşy bolup durýar hem-de durmuşa geçirilýän, makroykdysady özgertmeleri goldamak üçin tehniki kömekleri berýär.

Şeýle-de HPG-niň Iş Meýilnamasynyň çäklerinde has takygy, 2024-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutyna Halkara pul gaznasynyň geňeşçisi, Azerbaýjan we Türkmenistan boýunça missiýasynyň başlygy Anna Rouz Bordonyň ýolbaşçylygyndaky HPG-niň wekiliýeti bilen institutyň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň arasynda duşuşyk geçirildi. Bu duşuşykda wekiliýetiň agzalary dürli derwaýys meselelere degişli nutuklar bilen çykyş etdiler. Şeýle hem professor-mugallymlaryň we talyplaryň hem-de myhmanlaryň arasynda sorag-jogap alşylyp, duşuşyk örän gyzykly we netijeli äheňde dowam etdirildi.

«Geljekde hem şular ýaly hyzmatdaşlygyň çäklerinde şeýle duşuşyklaryň alnyp barylmagy, öz gezeginde ýurduň maýa goýum özüne çekijiligini ýokarlandyrmak babatynda alnyp barylýan işler bilen bir hatarda, halkara ykdysady giňişligine aralaşmakda hem örän netijeli bolar» diýip, wekiliýetiň ýolbaçysy öz çykyşynyň ahyrynda belläp geçdi.

Mundan başga-da wekiliýetiň agzalary Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maliýe fakultetiniň «Bank işi» kafedrasynyň çäklerinde döredilen ýöriteleşdirilen «Bank işi» okuw otagy bilen hem tanyşdyryldy. Döwrebap multimedia enjamlary, interaktiw panelleri hem-de ýokary derejede taýýarlanylan hünärmen orunlary we ýörite iş meýdançalary bilen enjamlaşdyrylan bu otag daşary ýurtly myhmanlarda ýatdan çykmajak täsir galdyrdy. Myhmanlar bu okuw otagynyň bank ugrundan bilim alýan talyplary geljekde ökde hünärmenler edip taýýarlap ýetişdirmek babatynda ähli amatlyklaryň we şertleriň döredilendigini, hakyky iş tejribesine mümkin boldugyça ýakynlaşdyrylan okuw gurşawynyň hem üpjün edilendigini bellediler.

Bu okuw otagynda «Bank işi» hünär ugry boýunça bilim alýan talyplaryň okuw sapaklaryny örän döwrebap şertlerde geçmekleri üpjün edilen. Bu şertlerden netijeli peýdalanmak bilen, ýakynda «Bank işi» ýöriteleşdirilen okuw otagynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hem-de karz edaralarynyň tejribeli hünärmenleriniň gatnaşmagynda «Onlaýn»

görnüşinde amaly okuw sapaklarynyň geçirilmegi babatynda ylalaşylan ylalaşyga laýyklykda ilkinji gezek okuw sapaklarynyň geçirilip başlanmagyny hem belläp geçmek bolar.

Institutymyzyň okuw derslerine laýyklykda bank ulgamynyň tejribeli hünärmenleri tarapyndan onlaýn görnüşinde geçirilýän amaly okuw sapaklarynyň mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berilýän jogaplar bilen jemlenmegi talyplaryň sapaga bolan höwesiniň has-da artmagyna, bilime ymtylmasynyň ilerlemegine ýardam edýär.

«Bank işi» ýöriteleşdirilen okuw otagynda amaly okuw sapaklary ylalaşylan Iş meýilnamasynyň tertibine laýyklykda onlaýn görnüşinde okatmaklyk işleri yzygiderli tertipde mundan beýläk-de dowam etdiriler. Okuw sapaklarynyň bu okuw otagynda yzygiderli okadylmagy, talyplaryň geljekde ökde we giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmeklerine örän uly mümkinçilikleri açar.

Bize şular ýaly ajaýyp şertlerde zähmet çekmäge, okatmaga we bilim almaga mümkinçilik berýän Gahryman Arkadagymyza we Peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sag bolsun aýdýarys. Goý olaryň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

**Bagtyýar GURBANSÄHEDOW**
**Begenç SAHATKULIÝEW**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň mugallymlary

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2024 г.

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of December 1, 2024




### 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2024 г.

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of December 1, 2024




### 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 декабря 2024 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of December 1, 2024




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№11
2024

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2024-nji ýylyň ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 декабря 2024 г.
Authorized capital size as of 1 December 2024




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 декабря 2024 года (указатели округлены)

Information on the bankcards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 December 2024 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
### Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.12.2023 | 01.01.2024 | 01.12.2024 | 01.12.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.12.2024<br>01.12.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **150** | **150** | **149** | *99,3* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **7 046 129** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | | | **8 391,8** | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **6 995,1** | **7 167,8** | **7 227,2** | *100,8* | *103,3* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **18 041,30** | **17 876,07** | **17 232,14** | *96,4* | *95,5* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **90 151,98** | **89 102,20** | **92 942,90** | *104,3* | *103,1* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **39 316,32** | **39 600,98** | **41 831,04** | *105,6* | *106,4* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2024 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of December 1, 2024

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2024 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of December 1, 2024

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **3** | **3** | **4** | **10** | **2** |

## 2024-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 декабря 2024 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of December 1, 2024

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 438 213,5 | 33,74 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 878 406,7 | 25,99 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,06 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 39,43 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,0 | 0,77 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 227 191,2** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2024-nji ýylyň noýabr aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
